# TÜRKMEN WE GARAGALPAK DILLERINDE ÇEKIMLI SESLER WE OLARDA ÝÜZE ÇYKAN MUKDAR ÜÝTGEMELER

**Chariyev Chari Davletmametovich,**
chariev_chari@mail.ru
*QQDU Turkman tili va adabiyoti kafedrasi assistenti*

**Babayeva Maya Amangeldiyevna,**
mayababaeva89@gmail.com
*NDPI Qozoq, Turkman tili va adabiyoti kafedrasi assistenti*

**DOI: https://doi.org/10.5281/zenodo.18903467**

**Annotasiýa:** *Makalada türkmen we garagalpak dillerindäki çekimli sesler we olarda ýüze çykan mukdar üýtgemeler we olaryň umumy hem-de tapawutly taraplary barada gürrüň edilýär.*

**Daýanç düşünjeler:** *Çekimli ses, fonema, uzyn we gysga çekimliler, giň we dar çekimliler, diftong.*

**Аннотация:** *В статье рассматриваются гласные звуки в туркменском и каракалпакском языках, количественные изменения, произошедшие в них, а также их общие и отличительные особенности.*

**Ключевые слова:** *Единственный звук, фонема, долгие и короткие слоги, широкие и узкие слоги, дифтонг.*

**Abstract:** *The article examines vowel sounds in the Turkmen and Karakalpak languages, the quantitative changes that have occurred in them, as well as their common and distinctive features.*

**Key words:** *A single sound, a phoneme, long and short syllables, broad and narrow syllables, a diphthong.*

Garaşsyzlyk ýyllarynda dil meselelerini öwrenmek we onuň ulanylyş meýdanyny giňeltmek has möhüm ähmiýete eýe boldy. Ýurdumyzda ylym–bilimi ösdürmek, şonuň bilen birlikde, dil biliminiň esaslaryny çuňňur öwrenmek derwaýys meseleleriň biridir.

Dilleriň öz ara täsiri meselesi U.Waýnraýx, W.M.Jirmunskiý, B.A.Serebrennikow, W.I.Abaew, E.I.Ubrýatowa, B.V.Goriung, W.N.Ýarseva, A.T.Arazow we başka da birnäçe alymlaryň işlerinde söz edilip, olar dilleriň bir-birleri bilen baglanyşygy we öz ara täsiri dogrusyndaky teoriýany işläp çykmaga özleriniň uly goşandyny goşdular. Bu hadysany öwrenmegiň ähmiýeti hakynda B.A.Serebrennikow aşakdaky ýaly ýazýar: “Dilleriň öz ara gatnaşygyny öwrenmek lingwistikada esasy wezipeleriň biri hasaplanýar. Dilleriň öz ara täsir etmegi netijesinde biri-birini baýlaşdyrmagy real hem obýektiw fakt bolup, lingwistik ylym oňa üns bermän geçip bilmeýär” [Аразов  А. 2006: 4].

Türkmen we garagalpak halklary uzak döwürlerden bäri goňşy ýaşaýarlar. Gündelikli durmuşda bilelikde ulanyp, olaryň dilleride öz ara gatnaşykda bolup, sözleýşiň netijesinde bir-birine täsiri ýetirýär.Şol sebäpden hem türkmen dili bilen

garagalpak dilinin öz ara täsiri, şol täsir netijesinde peýda bolan birmeňzeşlik we tapawutlyklary her taraplama öwrenmek lingwistika ylmy üçin uly ähmiýete eýe. Diller üçin ortalyk we tapawutly belgileri, onuň sebäplerini öwrenmek arkaly ol dilleriň mundan soňra-da rowaçlanmak yollary bilen tapawutly aýratynlyklary, bu prosesiň şu dilleri baýatmakdaky hyzmaty anyklanýar.

Türkmen we garagalpak dilleriniň öz ara täsiri, iki diliň çekimli sesler sistemasyndaky umumylyklar we aýratynlyklary öwrenmek türkmen dil biliminde-de we garagalpak dil biliminde-de derwaýys meseleleriň biri bolup hasaplanýar.

T.Täçmyradow türkmen diliniň fonetikasyna bagyşlanan işinde sesleri çekimli we çekimsiz diýen toparlara bölmekde aşakdaky ýaly alamatlary göz öňünde tutýar.

Türki dilleriň aglabasynda gysga we uzyn çekimliler-de duş gelýär. Türkologik edebiýatlarda birinji uzynlygyň gadymy türki asyl uzynlyk hökmünde ykrar edilmegi hem türki dilleriň aýrybaşgalaşmagyndan ozalky türki dil umumylygynda uzyn we gysga çekimlileriň bolandygyny aňladýar.

Şu aýdylanlara esaslanmak bilen A. M. Şerbak gadymy türki dil umumylygynda çekimli sesleriň ýogyn we inçe, dodaklanan we dodaklanmadyk,
giň we dar, uzyn we gysga jübütlerden ybarat *(a, a:, o, o:, u, u:, y, y:, i, i:, ö, ö:, ü, ü:, e, ä:)* **16** fonemaly bolupdyr diýen netijä gelýär [Weýisow B. 2008: 46-47].

Türkmen dilinde 18 sany fonema bar: *a, o, ö, u, ü, y, i, e, ä* . Bu sesleriň her biri bir bogunly we köp bogunly sözleriň düzüminde gelip, uzyn we gysga aýdylýar. Olaryň uzyn ýa-da gysga aýdylmagy, sözleriň manysyna täsir edýär, ýagny fonema hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Türkologlar A.P.Poseluewskiý, N.K.Dmitriýew we birnäçe türkmen dilçi alymlarynyň anyklamagyna görä, türkmen dilinde **16** sany çekimli fonema bolup, olaryň sekizi - *a:, o:, u:, ü:, y:, i:, ö:, ä:* uzyn, we sekizi - *a, o, u, ü, y, i, ö, e* gysga aýdylýar [Аразов А. 2006: 26]. N.A.Baskakowyň, A.Annanurowyň, S.Kürenowyň garaýyşlaryna görä, çekimliler **18** fonemadan ybarat bolup, olaryň **9** sanysy *a, i, o, ö, u, ü, y, e, ä* - gysga, **9** sanysy hem *a:, i:, o:, u:, ü:, y:, e:, ä:* - uzyndyr [Куренов С. 1974 30-31]. A.Annanurowyň pikirine görä çekimli sesler **17** fonemadan ybaratdyr. Ol **18** çekimliden birini **ä** sesini özbaşdak fonema hasaplamaýar. A. P. Poseluewskiý bolsa **16** sany çekimli fonemanyň barlygyny görkezipdi. Ol *a, u, o, ö, u, ü, y* haryplarynyň her biri arkaly aňladylýan gysga we uzyn çekimli sesleri aýry-aýry fonema **14, e** we **ä** çekimlileriň hem her haýsyny bir fonema hasap edipdi [Täçmyradow T. 2002: 31]. Bu pikir N. K. Dmitriýew, T.Täçmyradow, M.Hudaýgulyýew, B.Hojaýew we K.Begenjow, J.Amansaryýew, G.Gulmanow, H.Bagyýew ýaly alymlar tarapyndan goldaw tapdy [Худайгулыев М. 1992: 28].

Häzirki zaman türkmen edebi diliniň sözlik sostawyndaky türkmen sözleriniň, arap we pars alynma leksik birlikleriniň düzüminde ulanylýan ä çekimlisi, esasan gysgadyr. Dogry, geler işliginiň **L** çekimlisiniň käbir dialektlerde düşindirilip, ger görnüşde aýdylyşy hem–de many taýdan e çekimli ger (mek) işliginden tapawutlanyşy bar. Ýöne diliň fonema sostawy kesgitlenilýän wagtda, adatça, kombinator ses üýtgemeleri netijesinde ýüze çykýan ýokarky ýaly juda seýrek ýagdaý, sistema düzüp bilemeýän hadysa nazara alynmaýar. **Ä** çekimlisi, esasan, uzyndyr. Munuň onçakly köp bolmadyk sözleriň birinji bogunda gysga aýdylyşy–warianty hem bar: *äkilemek*<alyp gelmek, *äkitlemek*<alyp gitmek, *äwermek(äbermek)*<alyp bermek; əhmiỳet (əhmiet). Emma ol **ä** çekimlisi bilen birmeňzeş fonetik şertde gelip bilmeýär. Netijede **e:** bilen **ä** çekililerine wariant, **ä:** we **e** çekililerine bolsa fonemalar hökmünde seredildi.

Şeýlelikde, häzirki zaman türkmen edebi dilinde **16** sany çekimli fonema bolup, olaryň, **8** sanysy gysgadyr: *a, i, o, ö, u, ü, y, e:* **8** sanysy hem uzyndyr: *a:, i:, o:, ö:, u:, ü:, y:, ä:*.

Garagalpak diliniň öwrenilmegi görnükli türkolog prof. N.A.Basakowyň ady bilen berk baglydyr. Onuň “Garagalpak diliniň gysgaça grammatikasy” kitaby [Баскаков Н.А. 1952: 9-20] garagalpak dilini öwrenmäge bagyşlanan ilkinji göwrümli ylmy iş hasaplanýar .

Awtoryň pikirine görä, garagalpak diliniň ses ulgamy **41** sesden ybarat bolup, olar şol döwürdäki latyn elipbiýi esasynda **31** harp bilen aňladylan. Olaryň **9** sanysy çekimli sesleri aňladypdyr. Ähli sesleri keştede görkezip, her birine gysgaça artikulýasion maglumat berýär [Даўлетов А. 1992: 54].

30-njy ýyllaryň başynda görnükli türkolog-alymlar Ý.S.Malow we Ý.D.Poliwanowlaryň Garagalpagystanda bolup, janly dilde gözlegleri esasynda ýazylan ylmy makalalary garagalpak diliniň ses ulgamyny öwrenmekde uly ähmiýete eýe boldy [Даўлетов А. 1992: 55].

Ý.D.Pilowanowyň görkezmegine görä, garagalpak diliniň çekimliler sistemasyny aşakdaky ýaly görkezýär: *i, y, ь, u, e, ɵ, o, ə, a* [Даўлетов А. 1992: 55].

Garagalpak dilindäki çekimliler hakynda Ý.D.Poliwanow iki hakykaty belläp geçýär: **a)**sözüň başynda *e, o, ö* çekimlileriniň diftong bolup gelmegi basym bolup, olar artikulýasion-akustik taýdan sözüň başynda däl eýsem, ortasynda ýa-da ahyrynda hem gelýänligi hakykat iki fonemanyň birikmeginden durýan *ye, wo, wo'* diftonglaryna barabar gelýänligine; **b)** dar çekimliler bolan *i, y, ь, u* [Даўлетов А. 1992: 56] diliň wertikal ýagdaýy boýunça giň bolmaga, diliň gorizontal ýagdaýy boýunça dil ardy bolmaga ýakyn bolmagyna dykgat garadýar.

S.Ý.Malow garagalpak diliniň çekimli fonemalary boýunça aşakdaky meselä dykgat garadyp, olary keştede görkezýär:

| | Til aldy | | | | Til arty | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Kysyk** | I | | | y | | | ь | U |
| **Ýarym kysyk** | | E | Ө | | | O | | |
| **Aşyk** | | | | | ә | | | |

Görnüşi ýaly, çekimli fonemalaryň, S.Ý.Malow tarapyndan düzülen klassifikasiýasy Ý.D.Poliwanowyň klassifikasiýasyna dogry gelýär [Даўлетов А. 1992: 57].

Garagalpak diliniň fonema düzümini anyklamak meselesi käbir çylşyrymly sesleriň diftonglaryň bir fonemadan durýanlygy ýa-da iki fonemadan durýanlygyn anyklamak meselesi bilen baglydyr. Başgaça aýdanda, garagalpak diliniň fonema düzümini anyklamakda häzire çenli ylmy edebiýatlarda belli bir pikire gelnenok. **Y** we **w** ýarym çekimlileriniň çekimli fonemalar bilen bir bogunyň düzüminde gelmegi ýasalan diftonglaryň aýratyn fonema diýip hasaplanmalymy ýa-da olaryň her biri iki fonemanyň birikmesimi? diýen meseläniň nähili çözülmegi bilen baglydyr. Şeýlelikde, *[ıy], [iy], [uw], [u'w]* ýapyk diftonglarynyň hem *[ye], [wo], [wo']* açyk diftonglaryň fonologik düzümini anyklamak bilen garagalpak dili çekimlileriniň fonema düzümini anyklamak meseleleri öz ara baglylykda we bilelikde çözülmeli mesele bolup durýar.

Çekimlileriň fonema düzümini hakyndaky pikirleriň her hili bolmagynyň özi hem şu diftonglaryň fonema düzüminiň her hili bolup çözülmegi bilen bagly. Birnäçe ylmy edebiýatlarda garagalpak dilinde **9** sany çekimli fonema bar *(a, ә, o, ө, у, ү, ы, и, e)* diýip garalsa [Баскаков Н.А. 1931: 16], J.Aralbaýew **11** çekimli fonema bar diýip hasaplaýar [Da'wletow A. 2012: 32]. Ol dokuz  çekimli-monoftongyň üstüne iki çekimli diftongy aýratyn fonema hökmünde goşýar we häzirki garagalpak diliniň dürs ýazuw kadalary boyunça *[i'y], [iy]* belgileri arkaly aňladylýan diftonglary inçe, ýogyn reňklerindäki *[i]* monofonemasy diýip, soňra *[uw], [u'w]* belgileri bilen aňladylýan diftonglary inçe, ýogyn reňklerindäki *[u]* monofonemasy diýip hasaplaýar. Şeýlelikde, J.Aralbaýewiň garagalpak diliniň çekimlileriniň fonema düzümi hakyndaky bu netijeli pikiri akademik I.Keňesbaýew tarapyndan aýdylan gazak diliniň çekimlileriniň fonema düzümi dokuz monoftong hem iki diftong fonemalardan ybarat diýen pikiri bilen gabat gelýär [Da'wletow A. 2012: 33].

Garagalpak dilindäki diftonglaryň her biriniň, şonuň içinde *[i'y], [iy], [uw], [u'w]* ýapyk diftonglarynyň hem sözüň iň başynda gelýän *[ye], [wo], [wo']* açyk diftonglaryň fonologik tarapdan iki fonemanyň birikmeginden durýanlygy eksperimental maglumatlar esasynda her taraplama delillendi.

Häzirki garagalpak edebi dilinde dokuz çekimli ses aýratyn fonema hasaplanýar. Olar *[a], [i], [á], [ı], [e], [o], [ó], [u], [ú]*. Çekimli fonemalaryň dürli fonetik orunlarda gelmegine garap, garagalpak dilindäki singarmonizme baglylykda çäklenýär.

Jemläp aýdanda, türkmen we garagalpak dillerindäki çekimli sesler emele gelişleri galyşlary taýdan-da tapawutlanýarlar. Käbir türki dillerde olar giň we dar çekimlilere bölünseler, käbirlerinde giň we ýarym giň, dar we ýarym dar çekimlilere, oguz topar dillerinde bolsa aşaky, ortaky we ýokarky galyş çekimlilerine bölünýärler.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**

1. Аразов А.Т. Қарақалпақстан түркменлериниң сөйлеў тили менен қарақалпақ тилиниң өз ара тәсири ҳәм интерференция қубылысы. Канд дис. -Нөкис.2006.
2. Баскаков Н.А. Каракалпакский язык. Т.II., М., 1952.
3. Баскаков Н.А. Краткая грамматика каракалпакского языка. Түрткул, 1931.
4. Weýisow B. Türkmen diliniň taryhy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2008.
5. Da’wletow A. Ha’zirgi qaraqalpaq tilinin’ fonetikasi’. No’kis, 2012.
6. Даўлетов А. Ҳәзирки қарақалпақ тили. Фонетика. Нөкис., «Билим»., 1992.
7. Күренов С. Түркмен дилиниң узын ве гысга чекимлилери. (Экспериментал-фонетик дерңев). Ашгабат: Ылым, 1974.
8. Täçmyradow T. Häzirki zaman türkmen dili. Fonetika. Aşgabat. 2002.
9. Худайгулыев М. Хәзирки заман түркмен дили. Фонетика. Ашгабат. 1992.